# Adamlar sizi betbagt edýän bolsa, munuñ sebäbi siziñ akyllydygyñyz üçindir

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Adamlar sizi betbagt edýän bolsa, munuñ sebäbi siziñ akyllydygyñyz üçindir ADAMLAR SIZI BETBAGT EDÝÄN BOLSA, BELKÄM, MUNUÑ SEBÄBI SIZIÑ AKYLLYDYGYÑYZ ÜÇINDIR




Men ýaşan ömrümde kellämde aýlanyp-dolanyp duran soraglar bilen gezip ýören biri. Soraglaryma jogap berip biljek adamlary gözlärdim, ýöne nämedir bir zatlar hiç mañzyma batanokdy.
Sebäbini tersine soraýandygym üçin ejem meni bulagaý görýärdi, belki-de ulumsy.
Ejem hemişe «Bu çaga durmuşa ters dogulypdyr» diýerdi.
Hatda MSN-däki birinji lakamym «eýesine gaýdyp barmaýan çapraz bumerangdy».
Kadyköý Akmary bilýänsiñiz, maña şol ýerde «Satanisti jyrraldan ateist» diýýärdiler! Uniwersitetde bolsa maña «ýolagçylara simit zyñýan psihopat çarlak» diýdiler!
Besdir, esasy gürrüñe gaýdyp geleýin.

Özüme akyllydyryn öýdüp pikir edýärdim we ýekedim!
Ýeri, dowam edeli.
Bir ýere gelmek üçin biraz sorag bermeli bolýarys, maksat gürrüñi aýdyñlaşdyrmak bolsun!
Içgilikäñiz awtoulag sürýärsiñizmi? Almaly pirog iýýäñizmi? Ýa-da şokoladly tort? Birden bitertip we goragsyz jynsy gatnaşyk edýäris diýäýmäñ? Köp kofe içýän dälsiñiz diýip umyt edýäris!
Bedew atlary seksual hasaplaýan dälsiñiz diýip çaklaýarys. Sözüme geñirgenmäñ. Şeýle pikir edýän millionlarça adamyñ bardygy aýdylýar!
Töweregiñizdäki her kesiñ akmakdygyny pikir edýärsiñizmi?
Bu soñky sorag juda wajyp. Elbetde, muña-da geñirgenmäñ. Bolup biläýjek zat.
Islendik adamyñ töwereginde ýeterlik akmak adam bar. Bir göz aýlañ, görersiñiz.
Eger ýok bolsa, belki-de, ol akmak siziñ özüñizdir! Hawa, siziñ özüñiz!
Emma bir zady zol-zol pikir edýäris. Bir pikirimiz bar: duýduryş, nukdaýnazar diýsegem bolýar…
Pikirim şeýleräk:
Adamlar sizi betbagt edýän bolsa, belkäm munuñ sebäbi siziñ akylly bolmagyñyzdyr!
Bolup biler. Belki-de şeýledir. Düşündirmäge synanyşaýyn:
Wagtal-wagtal özümize: «Bu ýurda… bu adamlara… sered-ä! Bu dünýäde akylly adamlara ýer az berlipdir!»
Eýse, bu hakykatmy? Akyllh adam betbagt bolýarmy? Bu mejburylykmy?
Şeýle düşüneliñ:
Akyl-paýhasyñ kesgitlemesi janly-jandaryñ arasynda gezip ýören şertlerine iñ gysga wagtda, iñ az tagalla we zähmet bilen adaptasiýa bolup bilme koeffisienti bolup durka, şeýle pikir edýän adam gödek ýalñyşyp biler.
Netijede betbagtlyk adamyñ ýaşaýyş geleñsizligi bolmagy-da mümkin.
Şonuñ üçinem «akylly adam betbagtdyr» diýen ýaly netijä gelip bilmeris, çünki akyl-paýhas hemme zadyñ emidir.
Hemme zady. Elbetde, bagtlylygy-da!
Meselem, Artur Şopengauer «Köp adam kellesi bolmandygy üçin kellesini bozanok» diýýär. Ýa-da Jon Malkowiçiñ «Bolmak» kinofilmindäki replika ýaly:

«Añ – gorkunç towkynäletdir. Pikir edip, duýup, gamlanyp bilýärsiñ».




Hawa, hakykatdanam ne ajap sözlemiş!
Geçirilen ylmy-barlaglaryñ netijesi adamlar bilen garylyp-gatylyp gitmek, gatnaşmak sizi betbagt edýän bolsa, munuñ sebäbi mümkin siziñ akylly bolmagyñyzdyr.
Ýakyn döwürde «British Journal of Psychology» žurnalynda çap edilen barlagyñ netijesinde, adamlaryñ tanyş-bilişleri bilen ýakyn gatnaşykdan oñaýsyzlyk duýýandygy aýdylýar.
Akylly adamlar tanyş-bilşi bilen has ýakyn gatnaşanda özüni has az oñaýsyz duýýar we durmuşa bolan höwes duýgusy azalýar.

Adamlaryñ köplügi-de şu adamlaryñ bagtsyz duýmagyna sebäp bolýar.
Eýse nämüçin adamlaryñ köplügi adamyñ özüni bagtsyz duýmagyna sebäp bolýarka?
Aslyýetine seredende, bu boýunça köp sosiologik barlag geçirilýär, emma bu täsiri has instiktiw ýollardan edinmek üçin işe gidilýän ýa-da işden çykylýan wagtlardaky märekeli wagtlarda 45 minutlyk metro ýolagçylygyny edip, yzyndan özüñizi nähili duýýandygyñyzy barlap bilersiñiz.
Emma barlagçylaryñ ikinji açyşy has gyzykly. Maşgala we tanyş-biliş gatnaşyklary umuman alanda adamyñ bagtlylygynyñ we gowulygynyñ esasy hasaplanýandygyna garamazdan, bu nämüçin hakykatdanam akylly adamlarda düýbünden tersine täsirini ýetirýär?
Meniñ pikirimçe-de şeýle!
Bagtlylyk ykdysadyýeti ulgamynyñ ylmy-barlagçysy Kerol Grehem bu barada şeýle diýýär:
«Has akylly we bu akylyndan peýdalanyp bilme ukybyna eýe adamlar wagtyny köpçüligiñ arasynda geçirenok, çünki olar has uzak wagta niýetlenen käbir maksatlara ünslerini berýärler».




Meselem, özüñize tanyş hakykatdanam akylly adamlary pikir ediñ.
Ol adam düwnük keseliniñ bir emini tapmaga dyrjaşýan lukman ýa-da jemgyýetdäki iñ garawsyz kişileri goramaga synanyşýan adam hukuklaryny goraýjy aklawjy bolup biler.
Ýygy-ýygydan sosial gatnaşyklarda bolmak, bu adamlary göz öñünde tutan maksatlarynyñ üstünde işlemekden daşlaşdyryp we durmuşdan doýma ýaly negatiw täsirini döredip biler.
Gelen netijämi aýdaýyn:
Adam hiçem bagtly bolup bilmeýär, emma ol bütin ömrüni özüni bagtly edip biljek zadyñ ugrunda ylgap geçirýär.

Muny-da seýrek adamlar başarýar, başaran wagtynda-da diñe lapykeçlige uçramak üçindir.
Hiç kimi özümize edişimiz ýaly bular ýaly derejede inçe ukyp bilen aldap we ýüzüne öwüp bilmeris.
Wagt – arasynda hemme zadyñ ölüp gidýän zadydyr.
Belki men akylly däldirin, ýöne men «Tefal» hem däl, şonuñ üçinem hemme zady pikir edip bilemok!
Şu ikiarada bir zady aýdasym gelýär: Men şu durmuşda birine elli lira karz pul berip gördüm. Çyksyn meýdan!
Ýeri bolýa-la. Sözümi gutaraýyn. Özüm gutaryp barýaryn! Hem hemmäñize şeýle seslenýärin:
Biz size pikir etmäñ-ä diýemzok, hobbi hökmünde durman pikir ediberiñ. Özem şeýle bir uludan pikir ediñ welin, indiki ýylam pikir eder ýaly boluñ!

Ugur BATY / @ugurbati

Penşenbe 28.12.2023 ý. Publisistika